# Bir söz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir söz Aşyr Salyh ogly

Maňa gerekdi-dä, şol ajaýyp söz,
Paýhasyň käninden alynan bolsa.
Iň bolmanda «ýarym sözem» bolsa uz,
Bal ýaly, zagara çalynan bolsa.

Bir söz kereminden dünýe nurlanýar.
Ruhuň kuwwatlanýar, aklyň gorlanýar.
Nirden yzlajagmy bilmeýärin men,
Aýtsaňyzla, o söz kimde gizlenýär!?

Oňa duşup bilmän, yzaly göwün,
Şypa gözläp gapy-gapy gezip ýör.
Her gapyda düwülensoň bir düwün,
Sabyr käsesine atyp ezip ýör.

Bilýärdim geljegiň, bolupdy bir çen.
Ýakup kimin intizardym ýoluňa.
Ýa-da Ýusup kimin zyndandamyň sen?
Gandal geýip baraýyn sen ýanyňa.

* * *

Hak emrine ýüwürip
Bulut geler gübürdäp.
Jan berer bu topraga
Ýagyş ýagsa şabyrdap.
Adam-adyny gazanar
Kemini dolup, gyrdap,
Ýagşy gylyk ynsany
Öz aslyna çekip dur.

Bir adam hemmelere,
Hemmeler hem birege,

Salam berip ýüzlense
Em dälmi bu ýürege.
Ýagşy niýet şineläp,
Öwrülipdir çörege.
Egsilmez nygmat bolup,
Biziñ sary akyp dur.

Hak duşmany şeýtanyñ,
Hilesi ýok zeminde.
Waw was edip, ynsany
Azdyrmagyñ çeminde.
Sabyrsyz bikararlar
Onuñ duzak-damynda,
Mertebesin gaçyryp,
Ýaman ýola çykyp dur. Goşgular